# Zenan men…

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 21 января, 2025
Zenan men… ZENAN MEN



Zenan men, özgäni däl…
Ýary yşkdan gandyran.
Altyn tagtda, köşkde däl,
Kalplar içre handyryn.
Zenan men, ýaşaýyşyñ,
Göýä hamyrmaýasy.
Iñ ygtybar düşelgäm,
Öz ýarymyñ saýasy.

Zenan men, giñ dünýäni,
Ýöretjegi, döretýän,
Mährim bilen buzlary,
Doñ garlary eretýän.

Zenan men, eý goragçym,
Gora, ýaman gözlerden.
Ýalan-ýaşryk, ýaraty,
Töhmet atjak sözlerden.

Zenan men, dowam dünýä,
Dowamym üzülmesin.
Ganymda gaýnap duran,
Päkligim bozulmasyn…

Gyzylgül ANNAGYLYJOWA. Goşgular